# Ile gerekli adam

Category: Kitapcy,Publisisistika,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ile gerekli adam ILE GEREKLI ADAM

«Ussaly oba biter – ussasyz oba ýiter» diýen türkmen nakylynyň aňyrsynda çuňňur akyl ýatyr. Gadym zamanlardan bäri durmuşda, ýaşaýyşda ilata kerki, pil, çekiç, palta, atagzy, pyçak, päki, ýonguç, hyrly, dokma darak, synny, keser, azal, hatap, büýli, çetnik, gaňňa, eýer we gelin-gyzlaryň altyn-kümüşden şaý-seplerini ýasaýan adygan ussalar bolupdyr. Şeýle ussaly oba bitýär.

Bir wagtlar obadaş bolanym üçin Durdynyň ene-atasyna ýetik. Özüni çagalyk döwründen bäri tanaýaryn. Onuň dädesi Mämmetgurban aga bütin ömrüni demir ýola baglady. O pahyr şähdi açyk, mylaýym, sada, ak ýürekli, süňňi zähmete ýugrulan, polat bedenli adamdy.

Eli işlilikde ejesi Hojabibiniň öňüne geçjek zenan ýokdy. Agzybir maşgalada önüp-ösen Durdy edepli, göwni açyk, sada, ilhalar adam bolup ýetişýär.

Durda çagalygyndan synym oturardy. Okuwdan boş wagtlary oýna güýmenmezdi. Oýny kerkidir pil, paltadyr kätmen saplamakdy. Köne pilleri sandalyň üstünde goýup, çekiç bilen ýençgiläp, igeläp, taplap oturandyr. Ýatan-turan pilleri, kerkini, kätmeni, pyçagy ýalaw ýaly ederdi. Durdy onunjy klasy gutaryp, dädesiniň dogany Annagurban aga bilen goýun bakdy.

«Ata kesbi – ogla halal» diýenleri. Ol 1963-nji ýylda demir ýola işe geldi. Işinden boş wagtlary demir, galaýy bilen iş salyşdy.

Golaýda işimiz çykyp, Gazanjyk etrabynyň S.A.Nyýazow adyndaky daýhan birleşigine barýarkak ýeňil maşyn näsazlyk tapdy. Biz Uzynsuw stansiýasyna sowulmaly bolduk. Durdynyň öýüne bardyk. Ol çaklaňrak ussahanasynda işläp oturan eken. Şofýor maşynyň näsaz ýerini aýtdy. Ol maşynyň trosuny eline aldy. Onuň ujuny dessine sepläp, ýerine goýdy-da: «Mugallym, indi şu ýerinden-ä näsazlyk tapynmasa gerek» diýdi. Az-owlak gürrüňdeş boldum.

Şonda ol şeýle diýdi:
– Mugallym, şol çagalyk döwrüme-hä ýetiksiñ. Şondan bäri oñarsam-oñarmasam demir, galaýy bilen irginsiz iş salşyp ýörşüm. Il-günümiz-de belläpdir. Maşyndyr motosiklleri bozulsa, meñ ýanyma gelýärler. Menem oñsoñ ýüz çytman bejerip berýärin. Hojalykda gerek bolýan pil, palta, kätmen, pyçak, keser, tüñçe ýaly zatlary hem ýasap berýärin. Il-gün-de azabyñy boş çykarmaýar. Akgöwün bilen beren zatlaryny alýaryn. Ussaçylygyñ-da aýratyn höwesi bolýar. Ýasan zadyñ il derdine ýarasa begenýärsiñ. Işden boş wagtym ussahanama nähili gelenimi duýmaýaryn.
Hawa, Gazanjyk etrabyna barsañ, demirçi ussa Durdy hakynda öwgüli sözleri eşitmek bolýar. Ylaýta-da, onun adamkärçiligini, zähmetsöýerligini taryplaýarlar. Türkmenler ilhalar kişileriñ adynyñ yzyna «han, jan» sözlerini tirkeýärler. Özünden uly adamlar onuñ adyny Durdy jan diýip tutýarlar.
Kesbiñden kemal tap, Durdy jan!

Tatar ÜÝŞMEKOW.

# «Türkmenbaşynyñ ýoly – Türkmeniñ ýoly», 1999 ý. Publisistika